# Ýyl täzelenýär

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýyl täzelenýär ÝYL TÄZELENÝÄR

Aýlanyp dur pelegiñ çarhy,
Ýyl täzelenýär, dolanýar aýlar.

Zemin dowam edýär öñki ýoluny,
Günem üýtgetmeÿär köne salyny.

Ýapraklar tänýär
siñýär topraga
Adamlar ölýär
çümýär ýapraga.

Aladañ däldir ölüm barlygy,
Dirilik agramyn göterýäñ neneñ?
Jogap, soraga!

Ölýär adamlar,
dostlaryñ ölýär.
Topraga öwrülýär aşyk tenimiz.
Sen säginýäñ,
sen dymýaň!

Hormatyna dostlugyñ,
hormatyna ynsanyñ,
hormatyna zeminiñ
hormatyna asmanyñ
dym,
dym bir salym!

Dym!
hatyrasyna ölmüñ.

Dymýañ hormatyna barlygyñ,
hormatyna ölümiñ.

Onsoñ oÿlanÿañ …
«Aýlanýar pelek,
gaÿtalanýar ynsan,
Dogulýar,
ölär,
dogul,
öl
…
Tekrar, tekrar
Galÿar müñ ykrar.”

Ýene ýüz tutýañ …
«Eÿ ykrarsyz asman,
Bu dogulmak, ölmek, ýene dogulmak
nämäňe derkar!?

Ybrahym B. 2022 Goşgular